# Ak niýet

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ak niýet AK NIÝET



Köňül içre aý dogup, ýalkym salsa göwnüňe,
Haýyr donly pikirler görer ýoda-ýoluny.
Hoşniýetli oýlaryň eger gelse amagy,
Seniň aýaň içine döker bary-ýoguny.
Beleň alyp sen ondan, galkyndyryp ruhuňy,
Nazaryňy dikersiň asman giňişligine.
Görersiň ak bulutlaň gökde gaýyp ýörşuni,
Synlap duran gornüşiň dartarsyň öz demiňe.

Ýaradanyň ak niýetden döreden ak niýetin,
Ekiz-ekizden dogrup köpelmegin islärsiň.
Ak bulut deý ak zatlaň garalaňam içinden
Gündüz ýiten monjuk deý tapylmagyn islärsiň.